TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— ÝAŞLAR DÖWLETIMIZIŇ KUWWATLY GÜÝJÜDIR, HALKYMYZYŇ BELENT MAKSATLARA ÝUGRULAN NURANA GELJEGIDIR. ÝAŞLAR TÜRKMEN HALKYNYŇ DÖWLETLILIK ÝOL-ÝÖRELGESINIŇ MIZEMEZ MERTEBESIDIR, BAKY DOWAMATYDYR.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2026 | Iýun | #6/51

## Halkara ylmy-amaly maslahat

***4-nji iýunda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni mynasybetli «Durnukly ösüşiň maksatlarynyň möhüm ugry: ekologiýa we howanyň üýtgemeginiň meseleleri» atly halkara ylmy-amaly maslahatynyň açylyş dabarasy hem-de umumy mejlisi geçirildi.*



Halkara ylmy-amaly maslahat bilen ugurdaş Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda guralan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylmy maglumatlara baý bolan kitaplarynyň, ylym-bilim ulgamynda, daşky gurşawy goramakda gazanylan üstünlikleriň sergisi dabara gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy.

Halkara ylmy-amaly maslahata daşary ýurtlaryň 25-isinden, ýagny Russiýa Federasiýasynyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Koreýa Respublikasynyň, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň, Beýik Britaniýanyň, Italiýanyň, Rumyniýanyň, Daniýanyň, Yrak Respublikasynyň, Hindistanyň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Mongoliýanyň, Belarus Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Ermenistan Respublikasynyň, Moldowa Respublikasynyň, Ukrainanyň, Gruziýanyň 60 sany ýokary okuw mekdeplerinden we ylmy-barlag edaralaryndan jemi 130 wekil, şeýle hem, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinden we ylmy-barlag edaralaryndan 220-ä golaý wekil gatnaşdy. Maslahata jemi 26 döwletiň ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy-barlag edaralarynyň 86-syndan jemi professor-mugallymlaryň, alymlaryň, hünärmenleriň, aspirantlaryň, doktorantlaryň 347-si gatnaşdy.

Açylyş dabarasynda çykyş eden daşary ýurtly we türkmenistanly alymlardyr professor-mugallymlar Garaşsyz hem-de hemişelik Bitarap ýurt hökmünde Türkmenistan tarapyndan dünýäde parahatçylygyň, ynanyşmagyň pugtalandyrylmagy bilen bir hatarda, häzirki zaman dünýä jemgyýetçiliginiň möhüm meseleleriniň biri bolan ekologiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde diňe bir sebit derejesinde däl-de, eýsem, bütin dünýä ähmiýetli işleriň amala aşyrylýandygyny bellediler.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli döwlet ekologiýa syýasaty esasynda Türkmenistanyň Merkezi Aziýa sebitinde, şeýle hem Hazarýaka we Aralýaka sebitlerinde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek arkaly diňe bir ýurdumyzyň däl-de, eýsem, sebitiň ýurtlarynyň durnukly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilen ekologiýa we durmuş-ykdysady taýdan ähmiýetli öňe sürýän başlangyçlary sebitiň ýurtlary tarapyndan uly goldawa eýe bolýar. Döwletara Hazar Ekologiýa Maksatnamasynyň işjeň agzasy hökmünde ýurdumyzda häzirki döwürde sebit ähmiýetli işleriň hem yzygiderli durmuşa geçirilýändigi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

5-nji iýunda maslahatyň işi «Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde häzirki zaman biliminiň we ylmyň gazanan üstünlikleriniň orny», «Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagyň we suw baýlyklaryny goramagyň häzirki zaman meseleleri», «Tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmagyň innowasion usullary» hem-de «Biologiýa dürlüligi öwrenmegiň häzirki zaman usullary we amaly ähmiýeti» atly bölümçelerde alnyp baryldy.

Bölümçeleriň işinde professor-mugallymlaryň, alymlardyr hünärmenleriň daşky gurşawy gorap saklamak, ýer-suw baýlyklaryny rejeli peýdalanmak hem-de biologiki dürlüligi häzirki zaman talaplaryna laýyklykda öwrenmek we olary gorap saklamagyň möhüm meseleleri baradaky ylmy nutuklary diňlenildi. Çykyşlarda daşary ýurtly professor-mugallymlar, alymlar we hünärmenler wekilçilik edýän ýurtlarynda bu ugurda alyp barýan işleri bilen baglanyşykly giňişleýin durup geçdiler.

Maslahata gatnaşyjylar ekologiýa bilimi we daşky gurşawy goramagyň meseleleri boýunça kärdeşleri bilen tejribelerini paýlaşmaga hem giň mümkinçilik aldylar.

Professor-mugallymlar, alymlardyr hünärmenler halkara maslahatyň ýokary derejede geçirilendigini bellemek bilen, bu babatda döredip beren giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza we Türkmenistanyň hormatly Prezidentine hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

Günüň ikinji ýarymynda uniwersitetde halkara ylmy-amaly maslahatyň jemleýji mejlisi geçirildi. Oňa gatnaşyjy professor-mugallymlar, alymlar maslahatyň ýokary guramaçylykly geçirilendigini bellediler. Jemleýji mejlisde bölümçeleriň işine degişli hasabatlar hem diňlenildi.

Halkara ylmy-amaly maslahatyň jemleýji mejlisi bilen ugurdaş uniwersitetiň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylmy maglumatlara baý bolan kitaplarynyň, professor-mugallymlaryň okuw kitaplarynyň, gollanmalarynyň, monografiýalarynyň, şeýle hem, ylmy nutuklarynyň ýygyndylarynyň, ylym-bilim ulgamynda, daşky gurşawy goramakda gazanylan üstünlikleriň sergisi guraldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**





Täzelikler

# Uniwersitetiň wekiliýeti Urumçy şäherinde iş saparynda boldy

*Ýakynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory O.Öwezsähedow, gündogar dilleri kafedrasynyň mugallymlary N.Hezziýewa we A.Allagulyýew türkmen wekiliýetiniň düzüminde Hytaý Halk Respublikasynyň Urumçy şäherinde geçirilen «Önümçilik, okuw, ylym we tejribe ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Merkezi Aziýa-Hytaý» maslahatyna gatnaşmak üçin iş saparynda boldular.*

Iş saparynyň dowamynda «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň (Türkmenistan), Bilim ministrliginiň Halkara dil bilimi we hyzmatdaşlyk merkeziniň (Hytaý Halk Respublikasy) we Sinszýan mugallymçylyk uniwersitetiniň (Hytaý Halk Respublikasy) arasynda hytaý dilini okatmak çygryndaky hyzmatdaşlyk hakynda Çarçuwaly Ylalaşyga», şeýle hem Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň rektorlarynyň gatnaşmagynda hytaý tarapy bilen üçtaraplaýyn Çarçuwaly ylalaşyklara gol çekildi.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan gol çekilen Ylalaşygyň çäklerinde bilelikdäki ylmy-barlag we bilim işlerini amala aşyrmaga gönükdirilen akademiki we ylmy hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek, medeni gatnaşyklary giňeltmek we şonuň bilen bitewi bilim, medeni we maglumat giňişligini kemala getirmek maksat edilýär. Bu ugurda öňde durýan wezipeleriň hatarynda bilim işini usulyýet taýdan üpjün etmek, mugallymlary we alymlary alyşmak, okuw gollanmalaryny bilelikde işläp taýýarlamak, özara bähbitli ugurlar boýunça mugallymlaryň hünärini we bilim derejesini ýokarlandyrmak bilen bagly maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hytaý dili mugallymlary üçin taýýarlyk hem-de hünär ýokarlandyryş okuwlaryny guramak, özara bähbitli ugurlarda bilelikdäki ylmy barlaglary ýola goýup, akademiki çäreleri bilelikde geçirmek we ylmy, usuly makalalary neşir etmek ýaly işleri durmuşa geçirmek meýilleşdirilýär.



Bu Ylalaşyklara gol çekilmegi Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda öňden gelýän oňyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň nobatdaky beýany boldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**



# Uçurymlara ak ýol arzuw edildi

***16-njy iýunda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýokary bilim ojagyny 2025-2026-njy okuw ýylynda tamamlaýan uçurymlaryň gutardyş dabarasy geçirildi.*

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetini «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hünärleriň 30-dan gowragy boýunça 1879 uçurym tamamlaýar.

Dabara ýurdumyzyň ministrliklerdir pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hünärmenlerinden, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we onuň ugurdaş ylmy-barlag institutlarynyň alymlaryndan ybarat Jemleýji döwlet synag toparlarynyň başlyklary, uniwersitetiň professor-mugallymlarydyr uçurymlary gatnaşdylar.

Dabarada çykyşlara orun berlip, olaryň dowamynda bir asyra golaý wagtyň içinde ýurdumyzyň halk hojalygynyň dürli ugurlaryndan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga uly goşant goşýan baýry ylym-bilim ojagynda talyplaryň bellenen dersler boýunça döwlet synaglaryny üstünlikli tabşyryp, özleşdiren bilimleriniň, hünär başarnyklarynyň netijesini görkezýändiklerine üns çekildi.

Gutardyş dabarasynda tapawutly we göreldeli okan, döwlet hem-de halkara derejesinde ders, ylmy-taslama, döredijilik bäsleşiklerinde ýeňiş gazanan, sport ýaryşlarynda, medeni-jemgyýetçilik çärelerinde işjeňlik görkezen uçurymlara Minnetdarlyk hatlary, uniwersitetiň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

Uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň höwesjeňleriniň hem-de uçurym talyplaryň ýerine ýetirmegindäki aýdym-sazlar, tanslar, okalan goşgular bu ýere gelenlere ruhy lezzet paýlady.

**Döwletgeldi HOJAMEDOW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň**
**4-nji ýyl talyby.**

# Ylymlar gününe bagyşlandy

*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly we Ylymlar güni mynasybetli «Ylmyň we innowasion tehnologiýalaryň ösdürilmegi durnukly ösüşi gazanmagyň ygtybarly ýoludyr» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.*

Maslahatyň işi umumy mejlisden we «Takyk ylymlaryň ösdürilmegi innowasion tehnologiýalary kämilleşdirmegiň baş şertidir», «Ylym-bilim ulgamynyň ösdürilmeginde maglumat tehnologiýalarynyň orny», «Ýurdumyzyň ylmy-tehniki ösüşinde fizikanyň we astronomiýanyň gazanan üstünlikleriniň ähmiýeti», «Himiýa senagatynyň ösdürilmegi — tebigy baýlyklary özleşdirmegiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň ygtybarly ýoly», «Biologiýa dürlüligi goramagyň we köpeltmegiň häzirki zaman usullary», «Ýaşlaryň ekologiýa medeniýetiniň ösdürilmegi daşky gurşawy goramagyň esasy wezipesidir»,



«Täze taryhy döwürde türkmen dilini we edebiýatyny öwrenmegiň ylmy-usuly meseleleri», «Iňlis dilini we edebiýatyny öwrenmegiň hem-de öwretmegiň häzirki zaman usullary», «Daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýetiniň kämilleşdirilmegi — ylymly-bilimli nesli kemala getirmegiň baş şerti», «Türkmenistanyň taryhyny öwrenmegiň we medeni mirasy goramagyň nazary-amaly esaslary», «Jemgyýetiň sazlaşykly ösüşini gazanmakda we milli demokratiýany ösdürmekde hukuk ylmynyň orny» atly bölümçeleriň 11-sinden ybarat boldy.

Olara uniwersitetden we beýleki ýokary okuw mekdeplerinden professor-mugallymlaryň, aspirantlaryň, alymlyk derejelerine dalaşgärleriň, magistrleriň, talyplaryň, şeýle-de, ylmy-barlag institutlarynyň alymlarynyň, ylmy işgärleriniň, ministrliklerdir pudaklaýyn edaralaryň hünärmenlerinden 430 ylmy nutuk meýilleşdirildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Pyragynyň edebi mirasy — kämilligiň baş çeşmesi

*__19-njy iýunda__ Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli «Halkymyzyň milli medeniýeti we Magtymgulynyň edebi mirasy kämil nesli kemala getirmegiň baş çeşmesidir» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Oňa uniwersitetiň we beýleki ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, doktorantlar, aspirantlar, dalaşgärler, talyplar, şeýle-de, ministrliklerdir pudaklaýyn edaralaryň hünärmenleri, ylmy-barlag edaralarynyň alymlary, ylmy işgärleri gatnaşdylar.*

Maslahatyň işi umumy mejlisden we «Magtymgulynyň şygryýet dünýäsi — täze taryhy eýýamyň ruhy çeşmesi», «Türkmen halkynyň taryhy we medeniýetini öwrenmekde Magtymgulynyň eserleriniň ähmiýeti», «Magtymgulynyň berkarar döwletlilik taglymaty we milli demokratiýa bagtyýarlygyň baş binýadydyr», «Daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň nazary hem-de amaly esaslary», «Innowasion tehnologiýalaryň ösdürilmeginde takyk ylymlaryň gazananlarynyň orny», «Täze tehnologiýalary döretmekde we önümçilige ornaşdyrmakda fizika ylmynyň orny», «Himiki tehnologiýalaryň kämilleşdirilmegi ýurdumyzyň senagat önümçiligini ösdürmegiň esasy şertidir» we «Türkmenistanyň biodürlüligini öwrenmegiň we daşky gurşawy goramagyň ylmy-amaly esaslary» atly bölümleriň 8-isinden ybarat bolup, 320 çykyş meýilleşdirildi.

Maslahatda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen medeniýetiň, sungatyň ösdürilmegi, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan bu ýollaryň dowamat-dowam bolmagy, şeýle-de, Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny öwrenmekde köptaraplaýyn çemeleşmeler we bu ugurda ýerine ýetirilen ylmy işler, monografiýalar, kitaplardyr gollanmalar, akyldaryň golýazmalar toplumynyň halkara derejesindäki mynasyp orny barada giňişleýin durlup geçildi.




Ylmy-amaly maslahat bilen ugurdaş Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylmy maglumatlara baý bolan kitaplarynyň, professor-mugallymlaryň, alymlaryň monografiýalarynyň, kitaplarynyň, gollanmalarynyň, milli amaly-haşam sungatymyzyň, ylym-bilim ulgamlarynda gazanylan üstünlikleriň ýurdumyzyň häzirki zaman ösüşlerini, şöhratly taryhymyzy, milli mirasymyzy beýan edýän taslamalaryň, talyplar tarapyndan taýýarlanylan işläp düzmeleriň sergisi guraldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# «KÜÝÜM KÄMILDEDIR, GÖZÜM MERTDEDIR»

*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti — müňlerçe ynsanyň ykbalyna täsir ýetiren mukaddes ojak. Kimler onda hemişelik hemrasy boljak dostlaryna duşsa, kimler ykbaly saýlan hünärine, kimler bolsa ömürlik ýaryna gowuşdy. Bular bir ýana, uniwersitet meniň üçin iň esasy — adyna guwandygym — Magtymguly Pyragy bilen içgin tanyşmagyma getirdi. Şonuň üçin eziz bilim ojagymyz baradaky her bir ýatlamadyr söhbet — beýik Magtymguly baradaky söhbete ýazýar. Megerem, bu söhbet siziň üçin hem täsirli bolsa gerek.*

Edebiýat adamzat döredijiliginiň we paýhasynyň netijesinde ýüze çykan iň ýokary gymmatlyklarynyň biridir. Adam ogly üçin öz durmuş tejribesini nesilden-nesle geçirmek ýaşaýyş zerurlygy bolupdyr. Heniz irki çagalygymyzda ýüze çykýan sorag bermek we jogap gözlemek endigimiz — düşünmegiň ynsanyň düýp tebigatyna mahsusdygyny alamatlandyrýar. Düşünmek we onuň netijesinde döretmek ömür hajatydyr. Çünki döredijilik intellektual we döredijilik kämilliginiň gözbaşy bolan ruhy şahsyýetiň hemişelik ýaşaýyş mesgenidir. Ynsan dünýägaraýyş çuňlugy we döredijilik belentligi arkaly öz köňlüni özi döredýär we kitap onuň ilkinji salgysydyr. Şonuň üçin-de, kitap — awtor bilen okyjynyň hemişelik duşuşyk ýeri bolmagynda galýar. Beýik Pyragy:

*Magtymguly düşdüň ýykyň güzerne,*<br>
*Kim bar sözleşerge baryp nazarna?!* —

diýip ýazýar. Dogrudan-da, biziň kitap okamagymyza köp halatda öz söýgüli şahyrymyzyň küýsegi sebäp bolmaýarmy näme? Şahyr elmydama okyjysyny söhbete çagyrýar. Magtymguly Pyragy bilen sözleşmek bolsa Watan we millet ykbaly barada söhbet etmekdir. Çünki milli şahyrymyzyň her bir şygry halkymyzyň taryhy, syýasy, jemgyýetçilik we ruhy-ahlaky ýaşaýşynyň kämilligine bagyşlanandyr. Munuň özi halkymyzyň bir bitewi millet bolup ýaşamagynyň we döwletlilige ýetmeginiň sütünleridir.

*Derwüşler köňli jem dursun namaza,*<br>
*Ýigitler ýygylsyn söhbete-saza,*<br>
*Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza,*<br>
*Togsan dolup, tamam bolsun gysymyz.*

Akyldar şahyrymyz agyr heňňam gysyndan soň, halkymyzyň gaýtadan tarhy-syýasy oýanyşa — sowulmaz ýaza ulaşmak wagtynyň gelendigine örän oňat düşünipdir. Şonuň üçin döwrüniň möhüm taryhy-syýasy şahsyýetlerine bagyşlap we halkymyzy gahrymançylyga çagyryp tutuş şygyrlar toplumyny döredipdir. Bu şygyrlarynda şahyryň türkmen döwletliligi hakyndaky taryhy-syýasy aladalary beýan tapýar. Olaryň dabaraly, ruhlandyryjy, joşduryjy äheňi diňleýjileriň — halkyň aňyna we kalbyna aýratyn täsir edipdir. Şonuň üçin bu şygyrlaryň aglabasy söze sygman, saza goşulyp aýdym edilip aýdylypdyr.



Magtymguly Pyragy halkymyzyň harby-syýasy we jemgyýetçilik hadysalarynyň aňyýet we ruhyýet esaslaryny söze geçirip, Watan söýgüsiniň sungata siňen naýbaşy nusgasyny miras goýupdyr. Munda nusgawy şahyrymyz iki sany ruhy-taryhy kökden — ata-babalarymyzyň şöhratly taryhnamasy bolan oguznamalardan hem-de Gündogar paýhasynyň gönezligi bolan tasawwuf taglymatyndan gözbaş alypdyr. Şonuň üçin Magtymguly atamyzyň şygryýetinde türkmeniň milli ýaşaýyş ýörelgeleri bilen umumadamzat ahlagynyň bal bile ýaga ogşar utgaşygyny görmek bolýar. Şeýle çuňňur we mäkäm köklere esaslanýandygy üçin milli şahyrymyzyň sungaty — halkymyzyň beýik başlangyçlary üçin gory tükenmeýän, çäksiz energiýa çeşmesidir. Hut jemgyýetimiziň ruhy-ahlaky we intellektual ösüşini dowamly üpjün edýänligi üçin Magtymguly Pyragynyň asyrlaryň synagyndan şu günlere gelip ýeten şygryýeti daýyma derwaýyslygyny saklaýar. Bu şygyrlarda türkmen ruhy ýaşaýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly ylmy-pelsepewi kitabynda milli şahyrymyzyň şygryýetine aralaşmagyň bir usulyýet esasyny şeýle beýan edýär: «Magtymguly Pyragynyň eserlerine çuňňur düşünmegiň ýene bir açary il-günüňe, halkyňa bolan hormat-sylag, mähir-söýgi bilen berk baglanyşyklydyr. Çünki aryf şahyrymyzyň goşgularynda türkmen ruhy ýaşaýar». Dogrudan-da, bizi beýleki milletlerden tapawutlandyrýan, bizi biz edýän aýratynlyk hem, ilkinji nobatda, şol türkmen ruhudyr. Türkmen ruhyýeti bolsa ynsanyň öz Watany we milleti bilen bir ten-u bir jan bolup ýaşamak ýörelgesidir.

Magtymguly Pyragynyň şygryýetiniň aglaba bölegini nesihatlar tutýar. Şahyryň nesihat etmeginiň özi eýýäm onuň öz halkynyň ykbalyna biparh garamaýandygyny, türkmeniň umumymilli meselelerini şahsy meselesi — köňül derdi hökmünde kabul edýändigini görkezýär. Her bir türkmen ogul-gyzy üçin Magtymguly atamyzyň pentlerine eýerip, ata ýurdumyzyň her daban topragyny mukaddes saýyp, gözümiziň göreji deý goramak, mähriban halkymyzy jandan eziz görüp, parasatly pederlerimize mynasyp — asylly nesiller bolup ýetişmek iň uly bagtdyr, iň asylly borçdur. Magtymguly atamyzyň:

*Gel, eý, köňlüm, saňa nesihat kylaý:*<br>
*Watany terk edip gidiji bolma!*<br>
*Özüňden egsik bir gaýry namardyň,*<br>
*Hyzmatynda gulluk ediji bolma!* —

diýen setirlerinden Oguz handyr dädem Gorkutdan başlap, ähli pederlerimiziň köňül sedasy eşidilýär. Bu şygyr ser berse-de, ýer bermedik, öz ýurdunyň çölüstanyny ýat illeriň gülüstanyna çalyşmadyk türkmeniň ýaşaýyş ýörelgesidir. Beýik akyldarymyzyň bu nesihaty bilen türkmen aga arkama-arka öz balasyny terbiýeläp gelýär. Megerem, ýene-de niçeme merdana nesiller terbiýelense gerek.

**Muhammetnur MAHTUMOW,**<br>
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň uçurymy.**

## Täzelikler

# «Lomonosow — 2026» uniwersiadasynyň ýeňijileri

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary M.W.Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersiteti tarapyndan guralan lingwistika, sebitleri we medeniýetleri öwreniş boýunça «Lomonosow — 2026» uniwersiadasynda ýokary netijeleri gazandylar.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rus dili we edebiýaty hünäriniň talyplary Muhammet Nurmämmedow, Läle Rzagulyýewa, Züleýha Orazowa hem-de Bägül Orazmyradowa «Lingwistika, sebiti we medeniýeti öwreniş» ugry boýunça baýrakly orunlary eýelediler.



### Hünär kämilleşdiriş okuwlary

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň «Iňlis dili hünärmeni» (ELS) atly maksatnamasynyň çäklerinde ABŞ-yň Türkmenistandaky ilçihanasy tarapyndan hünär kämilleşdiriş okuw sapaklary



geçirildi. Ony ABŞ-yň Ermenistan Respublikasyndaky uniwersitetiniň iňlis dili we aragatnaşyk dersleriniň lektory Brent Antony Andres alyp bardy.

Hünär kämilleşdiriş sapaklary emeli aňyň mümkinçilikleri arkaly iňlis dilini okatmak, okuw maksatnamalaryny düzmek, okuw serişdelerini, gollanmalaryny taýýarlamak usullaryny hem-de dil başarnyklaryny ösdürmäge ýardam etdi. Şeýle hem, okuw sapaklarynda ylmy ýazuw, aragatnaşyk edikleri we özbaşdak öwrenmek strategiýalary bilen bagly hünär kämilleşdiriş tejribeleri alşyldy.

### Türkmen-ýapon edebi dostlugy

**5-nji iýunda** Ýaponiýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sasaki Hiroşiniň gatnaşmagynda duşuşyk geçirildi. Duşuşygyň barşynda Ýaponiýanyň «Nippon» gaznasynyň «Read Japan Project» atly maksatnamasynyň çäklerinde bu gazna tarapyndan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet



uniwersitetine Ýaponiýanyň taryhy, medeniýeti hem-de edebiýaty bilen baglanyşykly kitaplar gowşuryldy.

### Ylmy-döredijilik duşuşygy

Azerbaýjan Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet günleriniň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde talyp ýaşlaryň we professor-mugallymlaryň gatnaşmagynda XX asyr azerbaýjan edebiýatynyň görnükli wekili, Azerbaýjanyň ilkinji halk şahyry Samed Wurgunyň 120 ýyllyk ýubileýi mynasybetli edebi we ylmy-döredijilik duşuşyk geçirildi.

Duşuşykda Azerbaýjan Respublikasynyň Milli kitaphanasynyň direktory, professor Kerim Tahirow, Azerbaýjan Respublikasynyň Milli Mejlisiniň deputaty Hikmet Mämmedow hem-de Azerbaýjan Respublikasynyň Milli ylymlar akademiýasynyň Nyzamy Genjewi adyndaky Edebiýat institutynyň baş ylmy kätibi, dosent Aýgün Bagyrly çykyş etdiler.

### Ýaşyl geljek üçin hyzmatdaşlyk

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň sekretariatynyň, Bilim ministrliginiň, BMG-niň Türkmenistandaky Ösüş Maksatnamasy, «Dizaýn Plus» milli döredijilik topary hem-de «Ýaş tebigatçy» jemgyýetçilik guramasynyň bilelikde guramagynda «Ýaşyl geljek üçin hyzmatdaşlyk» atly sergi we maslahat geçirildi.

Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni mynasybetli ÝUNESKO-nyň Bütindünýä bilimi




ekologiýalaşdyrmak syýasatyny hem-de galyndysyz jemgyýeti ösdürmek boýunça döwlet syýasatymyzy wagyz etmek maksady bilen guralan duşuşyklara ýurdumyzyň halypa we ýaş ekologlary gatnaşdylar.

### Halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde

**22 — 26-njy iýun** aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ekologiýa kafedrasynyň müdiri Ş.Aşyrmyradowa we şol kafedranyň mugallymy E.Perdäýew Gyrgyz Respublikasynyň Bişkek şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýada howa durnuklylygy we howpsuzlygy üçin suw pudagynda ýokary bilimi pugtalandyrmak» (HWCA) atly taslamanyň jemleýji maslahatyna gatnaşdylar.

Maslahat Almaty şäherindäki Gazak-Nemes uniwersitetiniň guramagynda Ýewropa Komissiýasynyň Brýussel şäherindäki Bilim, okatmagyň audiowizual serişdeleri we medeniýet baradaky ýerine ýetiriji agentliginiň (EACEA) ERASMUS+ maksatnamasynyň çäginde geçirildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Sözüň güýji: ýeňşiň görünmeýän syry

*Ýeňiş bilen sözüň arasynda görünmeýän, ýöne örän berk baglanyşyk bar. Her bir uly ýeňiş ilki adamyň aňynda döreýär, soňra bolsa söz arkaly şekillenýär. Türgen özüne: «Men başararyn» diýýär, tälimçi şägirdine ynam berýär, janköýerler bolsa goldaw sözleri bilen onuň ruhuny göterýärler. Şeýlelikde, ýeňşiň binýady ilki sözden gurulýar. Eger ynam ýeňşiň ýüregi bolsa, söz şol ýüregiň urşudyr. Hut şonuň üçin hem dünýä rekordlarynyň, çempionlyk medallarynyň we taryhy üstünlikleriň aňyrsynda, köplenç, bir wagtlar aýdylan höweslendiriji sözler durýar. Söz türgeniň boýnuna medal dakyp bilmez, emma şol medaly gazanmaga alyp barýan ruhy güýji oýanyp biler.*

Adamzat taryhynyň iň gadymy ýoldaşy näme? Belki-de, ot. Belki-de, suw. Emma olaryň ikisinden hem öň dünýäni herekete getiren, ýürekleri birleşdiren, käte bolsa bölüp aýran bir güýç bar. Ol — söz.

Söz — el bilen tutulmaýar, göz bilen görülmeýär. Ýöne onuň güýji daglary ýerinden gozgamaga, umytsyz adama ganat bermäge, millionlary bir maksada jemlemäge ýetýär. Şonuň üçin hem, söz diňe sesleriň ýa-da harplaryň ýygyndysy däl. Söz — pikiriň ýüregi, ruhuň sesi, adamyň içki dünýäsi bilen daşky dünýäniň arasyndaky köpri.

Sport dünýäsi sözüň gudratyny iň aýdyň görkezýän ugurlaryň biridir. Stadionda müňlerçe tomaşaçy jemlenýär. Türgen meýdança çykýar. Ol güýçli, taýýarlykly, tejribeli bolup biler. Emma käwagt ýeňşi kesgitleýän zat diňe myşsa güýji däl-de, bir agyz söz bolýar. Tälimçiniň: «Sen başararsyň!» diýen iki sözi käwagt birnäçe aýlyk taýýarlykdan hem güýçli täsir edýär. Şol söz türgeniň kalbynda ot ýakýar. Ýadawlyk bilen göreşmäge, agyryny ýeňmäge, soňky ädimi ätmäge güýç berýär. Sebäbi ynam söz arkaly ýürekden ýürege geçýär.

Geliň, stadiony göz öňüne getirip göreliň! Tomaşaçylaryň sesleri deňziň tolkunlary ýaly galgaýar. Şol pursatda müňlerçe adam bir sözi gaýtalaýar: «Öňe!». Diňe bir söz. Emma şol söz stadionyň diwarlaryna sygman, türgenleriň ýüregine aralaşýar. Olaryň aýaklaryna tizlik, ellerine kuwwat berýär. Göräýmäge, ýönekeý söz birden äpet güýje öwrülýär. Şonuň üçin hem, söz görünmeýän tälimçi




kimindir. Ol käwagt meýdançanyň gyrasynda däl-de, adamyň kalbynyň törüne siňip, oňa ýol görkezýär.

Türkmen halky sözüň gadyr-gymmatyny gadymdan bäri belent tutupdyr. «Söz — müň altyn» diýen nakyl munuň aýdyň subutnamasydyr. Ata-babalarymyz sözüň güýjüne ynanmak bilen, onuň terbiýe bermek, ynam döretmek, dostluk gurmak üçin hem ulanylýandygyna düşünipdirler. Dana pederlerimiziň her bir pähimi asyrlaryň synagyndan geçen söz hazynasydyr. Şol sözlerde durmuş tejribesi, adamkärçilik gymmatlyklary, ýeňşe we zähmete bolan hormat jemlenendir. Şonuň üçin gowy söz diňe şu güni däl, geljegi hem gurýar.

Soňky ýyllarda tehnologiýanyň ösmegi bilen sözleriň ýaýraýyş tizligi has-da artdy. Bir wagtlar birnäçe adama ýetýän pikir häzirki wagtda birnäçe sekundyň içinde dünýäniň dürli künjeklerine baryp bilýär. Bu bolsa sözüň güýjüni has-da artdyrýar. Şol sebäpli häzirki zaman adamy aýdýan her bir sözüniň jogapkärçiligine düşünmelidir. Sebäbi söz ok ýaly. Ok ýaýdan çykansoň yzyna dolanmaýar. Söz hem aýdylansoň yzyna gaýtmaýar. Ol biriniň kalbynda umyt gülüniň açylmagyna sebäp bolup biler ýa-da, tersine, gynanç kölegesini galdyryp biler.

Durmuşda üstünlik gazanan adamlaryň köpüsiniň çykyşlaryna seredeniňde, olaryň diňe edýän işleri bilen däl, eýsem, sözleri bilen hem adamlary ruhlandyrýandygyny görýäris. Çünki güýçli söz diňe gulaga däl, ýürege ýetýär. Ýürege ýeten söz bolsa herekete öwrülýär.

Belki, şonuň üçindir, taryhyň iň uly özgertmeleri ilki sözden başlanandyr. Ilki pikir döräpdir, soňra ol söze öwrülipdir, ahyrsoňy bolsa amala aşyrylypdyr. Her bir ýeňşiň, her bir arzuwyň, her bir maksadyň başlangyjynda söz bar.

Söz tohum ýalydyr. Ony nirede ekseň, şonuň miwesini alarsyň. Hoşniýetli sözler dostluk bagyny ösdürýär. Höweslendiriji sözler üstünlik miwelerini berýär. Gödek sözler bolsa dawa-jenjeliň tikenlerini gögerdýär.

Şonuň üçin her bir adam öz sözleriniň bagbany bolmalydyr. Sebäbi dilimizden çykýan her bir söz ertiriň güllerine ýa-da tikenlerine öwrülip biler.

Netijede, söz adamzadyň iň uly baýlyklarynyň biridir. Ol görünmeýän bolsa-da, täsiri görünýär. Agramy bolmasa-da, ykbaly üýtgedýär. Ganaty bolmasa-da, adamlary beýik arzuwlara uçurýar.

Söz — ses däl. Söz — güýç. Söz — ruh. Söz — ýeňşe eltýän görünmeýän ýolbeletdir.

**Laçyn BEGZADAÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**4-nji ýyl talyby.**

## Bilimli nesil — kuwwatly Watan

# Türkmen dil biliminiň taryhynyň beýany

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bilim ulgamyny dünýä ölçeglerine laýyk getirmek, ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.*

Hormatly Prezidentimiziň ýaşlara döwrebap bilim bermek, ylmy taýdan esaslandyrylan okuw kitaplaryny we gollanmalaryny neşir etmek baradaky tabşyryklaryndan ugur alnyp, giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Ýakynda «Ylym» neşirýaty tarapyndan Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Ynsanperwer we ykdysady ylymlar müdirliginiň başlygy, akademik-kätip, Ylymlar akademiýasynyň habarçy agzasy, filologiýa ylymlarynyň doktory Hezretguly Durdyýewiň ýokary okuw mekdepleriniň dil we edebiýat fakultetleriniň talyplary, aspirantlar, mugallymlar hem-de dilçi hünärmenler üçin niýetlenen «XX asyr türkmen dil bilimi» atly okuw gollanmasy çapdan çykdy.




Okuw gollanmasy ýokary okuw mekdeplerinde okadylýan «XX asyr türkmen dil bilimi» atly ýörite dersiň okuw meýilnamasyna laýyklykda taýýarlanypdyr. Kitap bitewi ylmy-amaly iş hökmünde türkmen dil biliminiň ösüş taryhyny beýan edýär. Ol özünde jemleýän bäş sany esasy bölümi arkaly XIX asyryň ahyrlaryndan başlap, XX asyr we XXI asyryň başlaryna çenli bolan döwürde türkmen diliniň ösüş ýollaryny, elipbiý meselesiniň çözülişini, dörän ylmy adalgalary (terminleri), dürs ýazuw kadalarynyň emele geliş, kämilleşiş taryhyny çuňňur seljerýär. Awtor işinde türkmen diliniň fonetika, grammatika, leksikologiýa hem-de stilistika ugurlary, diliň taryhy we dialektologiýasy, şeýle hem dürli döwürlerde geçirilen ylmy gurultaýlar, plenumlar, taýýarlanan sözlüklerdir ylmy monografiýalar barada anyk maglumatlary berýär.

Kitabyň özeni türkmen diliniň gadymy ösüş köklerine we baý taryhyna daýanýar. Gollanmada gadymy türkmen elipbiýinden başlap, Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwany lugat at-türk» eseriniň ähmiýetine çenli, şeýle hem sebitiň maddy-medeni ösüş derejesine laýyklykda edebi dilimiziň kämilleşiş taryhyna uly orun berlipdir. Kitapda taryhy çeşmeler bilen bir hatarda, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylmy garaýyşlary, Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyndan gelip çykýan wezipeler hem öz beýanyny tapýar.

TYA-nyň habarçy agzasy, filologiýa ylymlarynyň doktory H.Durdyýewiň «XX asyr türkmen dil bilimi» atly täze kitaby ene dilimiziň baý taryhyny, ösüş ýoluny talyplara we giň okyjylar köpçüligine ýetirmekde gymmatly gollanma bolup hyzmat eder. Kitapda getirilýän ylmy maglumatlar, goşmaça jedweller we edebiýatlaryň sanawy ene dilimiziň ösüş ugurlaryna baha bermekde hem ähmiýetlidir.

**Meýlismyrat ÝARYÝEW,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallymy.**

# Книга в жизни человека

*На протяжении тысячелетий книга выступала не просто как материальный носитель знаковой информации, но как сложный социокультурный институт, определяющий векторы развития цивилизации. Будучи «машиной времени и пространства», книга позволила человечеству преодолеть биологическую ограниченность индивидуальной памяти и создать единое ноосферное пространство, в котором аккумулируется, транслируется и переосмысляется коллективный опыт поколений.*

В XXI веке, в условиях глобальной цифровизации, перехода к клиповому мышлению и доминирования визуального контента, традиционные практики чтения претерпевают радикальную трансформацию. Возникают дискуссии о «смерти бумажной книги» и снижении когнитивных способностей новых поколений. В этом контексте необходимо научно обоснованное осмысление того, какие именно когнитивные, психологические и социальные функции выполняет книга, и как эти функции адаптируются к новой медиа среде.

Книга как артефакт и чтение как процесс неотделимы друг от друга. Для всестороннего понимания их роли в жизни человека необходимо рассмотреть проблему в историческом, физиологическом и психологическом разрезах.

Историческая трансформация материального носителя и культурного кода. История книги — это история борьбы человечества за долговечность, доступность и плотность хранения информации. Каждый переход к новому формату книги неминуемо влек за собой тектонические сдвиги в структуре общества, системе образования и способах мышления. Первоначально письменная информация фиксировалась на тяжелых и неудобных носителях: глиняных табличках Месопотамии, камне, бамбуковых дощечках. Появление папирусных свитков в Античности стало первым шагом к портативности, однако свиток диктовал линейное, непрерывное чтение.

Сегодня книга переживает этап дематериализации. Электронные ридеры и аудиокниги меняют эргономику чтения, однако суть процесса — декодирование авторских смыслов — остается неизменной.

Нейробиология и когнитивные механизмы глубокого чтения. С точки зрения эволюционной биологии, мозг человека не имеет врожденных центров чтения. Если способность к устной речи генетически детерминирована (зоны Брока и Вернике), то чтение — это искусственный культурный навык, требующий глобальной нейропластической перестройки мозга. В когнитивной психологии выделяют феномен «глубокого чтения» (deep reading) — медленного, вдумчивого погружения в текст, характерного для чтения сложной художественной или философской литературы.

Библиотерапия: книга как инструмент психологической саморегуляции. Помимо образовательной и эстетической функций, книга обладает мощным психотерапевтическим потенциалом. На стыке психологии, литературы и медицины возникло самостоятельное направление — библиотерапия (лечение словом, книгой).

Книга в жизни человека — это явление, далеко выходящее за рамки простого источника информации. Проведенный научный анализ позволяет сделать вывод, что книга представляет собой системообразующий элемент человеческой цивилизации и индивидуальной психики. Историческая эволюция от папируса до электронных дисплеев доказала поразительную способность книги адаптироваться к технологическим вызовам 126 эпохи. Меняется форма, но суть остается прежней: книга — это мост между сознаниями авторов и читателей, разделенных веками и континентами.

**Говхер АТАДЖАНОВА,**
**преподаватель кафедры русского языка и литературы.**



# Kitap — bahasyz hazyna

*Kitap, onuň bahasy we ynsanlara peýdasy barada söz açylanda, ilki bilen görnükli akyldarlar, her bir setiri pähim-paýhasa ýugrulan şahyrlar, ýazyjylar we alymlar hakydamyza dolýar. Teşne kalplaryny ylymdyr bilimden doldurmak üçin olaryň geçen kötel ýollary, çeken zähmetleri, kitaby gollaryndan düşürmän oňa togap edişleri ylymbilimiň ynsana näderejede zerurdygyny tassyklaýar.*

Ençeme ýüzýyllyklar geçse-de, danalaryň at-owazasy dünýä ýaň salýar, olaryň özlerinden soňky nesillere miras galdyran ruhy baýlyklary halkyň hakydasynda ýaşamagyny dowam etdirýär. Ynsanlaryň ýollaryna şamçyrag bolup, şöhle salýar, ýörejek ýollaryny ýagtyldýar.

Gündogaryň beýik akyldarlarynyň biri Abdyrahman Jamy kitap barada şeýle diýýär:

*Kitapdyr ynsanyň baky hemrasy,*
*Oňarsaň, bolgun sen şonuň gümrasy.*
*Kitap dostdur, asla gama batyrmaz,*
*Pikiriň goýaldar pikirleň şasy.*

Görnükli türkmen ýazyjysy Nurmyrat Saryhanowyň meşhur «Kitap» hekaýasyndaky wakalar hem aýdylanlara doly şaýatlyk edýär. Eserdäki wakalardan görnüşi ýaly, maşgalanyň gözüni dikip oturan eklenç daýanjy guba düýesiniň Magtymguly Pyragynyň sygyrlaryndan ybarat kitaba çalşylmagy aýdylanlaryň üstüni ýetirýär.

Kitap hiç wagt ýalňyşdyrman, aýdyň ýoly salgy berýän wepaly dostdur. Kitap okaýan adam köp zatlara göz ýetirer, durmuşda oýlanyşyksyz hereket etmez, agy-garany, halaly-haramy, ýagşyny-ýamany seljerer. Kitap okap biz özümizi taplaýarys, kitap okamaga sarp edilen wagt gyzyldan gymmatlydyr. Ylym-bilimden ýüki ýetik adama islendik hünäri öwrenmek hem ýeňil bolýar. Kitap ynsanlara halallyk, haýyrlylyk gapysyny açyp berýär, ata-babalarymyzyň bahasyny hiç bir zat bilen ölçerip bolmajak ahlak sypatlarynyň nusgalyk ýoluny görkezýär. Kitapda adamzat gymmatlyklaryny özünde jemleýän çuňňur pähim-paýhas bardyr. Ynsan ömri belent ymarat bolsa, ylym-bilim onuň düýbündäki mizemez binýatdyr. Şol binýat näçe berk gurulsa, ymaratyň ömri hem şonça uzak bolýar.

Meşhur «Kowusnama» kitabynda: «Eý, balam, malsyzlykdan garyp bolsaň hem, akyldan baý bolmaga jan et. Sebäbi mal bilen akyl toplap bolmaz. Akmak ýigit tiz garyp düşer, emma bilgin, akyl bir bahasyz zatdyr, ony ogry hem alyp gidip bilmez, ol otdada ýanmaz, suwda-da akmaz» diýip, ylym-bilime, akyl-paýhasa ýokary baha berilýär.

Kitap okaýan adam onda üýtgeşik dünýäni görýär. Bu täsin dünýäniň gapysyny açsaň, özüňi wakalaryň, gahrymanlaryň arasynda ýaly duýýarsyň.Ýagşy gylyk-häsiýetli gahrymanlara ýagşy garaýyş, ýaman gylykly gahrymanlara bolsa kalbyňda ýakymsyz duýgular döreýär. Kitaba, ylym-bilime bolan söýgi öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar.

Şu ýerde Gahryman Arkadagymyzyň hemaýatkärliginde neşir edilen «Paýhas çeşmesi» kitabyndan ylym-bilim öwrenmek, hünär edinmek, kitabyň gadyr-gymmaty barada aýdylanlardan getirsek ýerlikli bolsa gerek. «Kitap — geçeni, geljegi öwredýän dana», «Kitap okamaýan bir dili biler, kitap okaýan kän dili biler», «Kitap eneň-ataň ýaly terbiýeçidir», «Kitaby magsuk saý, özüňi — aşyk», «Bilmeýän zadyňy kitapdan sora», «Kitap bilen söhbetdeş bolsaň, ýüregiň gysmaz».

Häzirki wagtda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň eşretli ýaşaýşyny üpjün etmekde bitirýän işleri bimöçberdir. Bu aýdylanlary Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzda ylym-bilim ulgamyny özgertmek bilen baglanyşykly alnyp barylýan işler hem doly tassyklaýar.

**Serdar ŞAMYRADOW,**
**türkmen edebiýaty kafedrasynyň mugallymy.**

# Muhammet al Gazalynyň «Ylym barada kitap» atly işinde etiki-pedagogik garaýyşlar

*Ýer ýüzünde beýik şahsyýetler sanardan köpdür. Elbetde, munuň özi adamzat üçin buýsandyryjy ýagdaýdyr. Emma beýik adamlaryň içinden alymlar has aryf görülýändir. Şol aryflaryň içinden hem Abu Hamyt Muhammet bin Muhammet bin Ahmet Gazaly at Tusynyň mertebesi has belentdir. Öz döwründe «Hüçjetylyslam Zeýneddin», ýagny «Yslamyň tutarygy» ýa-da «diniň zynaty» ýaly ýokary derejeli atlaryň dakylmagy onuň döwrüniň alymlary tarapyndan ykrar edilendiginden nyşandyr.*

Ymam al Gazaly, takmynan, 1058-nji ýylda Horasanyň Tus şäherinde eneden bolýar. Ol Tus, Gürgen, Nyşapur ýaly ýerlerde fykh (şerigatyň meselelerini öwrenýän din ylmy), dil, mantyk (logika), pelsepe (filosofiýa) we edebiýat ylymlaryny özleşdirýär. Soňra ol Nyzamylmülkün gözüne ilip, 1095-nji ýylda Bagdatdaky Nyzamyýa medresesiniň baş müderrisi wezipesine bellenýär.

> Gazalynyň pikiriçe, ylym öwretmek iň mertebeli işleriň biridir.

Ol önümli işlän alymlaryň biri bolupdyr. Taryhçylar Gazalynyň, takmynan, 70-den 300-e çenli kitaplary ýazandygyny belleýärler. Ol ylym-bilimiň, medeniýetiň, ykdysadyýetiň, dini ylymlaryň güýçli ösen döwründe ýaşap, jemgyýetiň ähli meselelerine seslenipdir. Şol döwürlerde käbir alymlaryň topary gadymy grek alymlarynyň işlerini terjime edip öwrenipdirler, başgalar fykh ylmyny öwrenip, kazy bolupdyrlar, ýene birleri bolsa sopuçylyk, derwüşçilik edip terkidünýä (asketizm) bolupdyrlar. Şeýle-de, yslam dininden birnäçe mezhepleriň döremegi örän gyzgalaňly dini jedellere getiripdir. Şu galagoply döwürde hem ylymdan ýüki ýeten Muhammet al Gazaly ylym meýdanynda peýda bolýar. Ol ähli meselelere çürt-kesik jogap bermäge, olary aýyl-saýyl etmäge synanyşýar. Öz döwrüniň dini fykh we galam ylymlaryny öwrenýän alymlaryny-da ýazgarypdyr. Yslamyň irki döwürleriniň alymlary bu ylymlary Hudaýyň haky üçin, adalat üçin öwrenen bolsalar, öz döwrüniň kazylaryny baýlyk, dereje üçin öwrenýändiklerini aýdypdyr. Olaryň nebislerine gul bolup, harsydünýälik edýändiklerine diýseň gynanypdyr.



Gadymy grek alymlarynyň işlerini terjime edip, olary öwrenýän alymlaryň iň görnükli wekilleri Abu Aly ibn Sina we Abu Reýhan al Biruny dagy bolupdyr. Gazaly olaryň käbir pikirlerini tankytlasa, käsini ösdüripdir we musulmanlara öwrenmegi wajyp hasap edipdir. Mysal üçin, özüniň «Tahaffut al-Falasifa» («Filosoflaryň öz-özlerini inkär etmekleri») atly işinde Gazaly Ibn Sinanyň we Al Birunynyň gadymy grek alymlaryndan öwrenip, yslam dünýäsine getiren pikirlerini inkär edipdir. Ol ady agzalan işinde olara garşy çykyş edip, 20 mesele boýunça ylalaşmaýandygyny aýdypdyr. Olaryň 17-sini «biadat» («dini täzeçillik»), 3-üsini bolsa «küfr» («dine ynanmazlyk») diýip hasap edipdir. Şu ýerde wajyp bir bellenilmeli zat bolsa Gazalynyň hakyky alymlygydyr. Çünki döwrüniň iň meşhur alymlaryna garşy dini dogmalar bilen çykyş etmegiň ýeterlik bolmajagyny bilip, Gazaly grekleriň öz döreden logiki kanunlarynyň üsti bilen olaryň ylmy teoriýalarynyň nädogrudygyny subut edipdir. Döwürdeşlerinden ýörite grekleriň ylymlaryny öwrenen alymlar Gazalynyň öz ylymlarynda özlerinden geçirendigini aýdypdyrlar. Ýewropaly alymlar Gazalynyň işlerini latyn diline geçirenlerinde olaryň ylmy takyklygyna haýran galypdyrlar. Ýewropaly filosof Dewid Ýum bolsa Gazalynyň gelen netijesine ondan 700 ýyl soň gelipdir.

Mundan başga-da, Gazaly grek filosoflarynyň pikirlerine, olaryň işlerine garşy şeýle güýçli çykyş edeninden soň ýene bir işini ýazýar. Ol «Miýar al Ylym» («Ylymda logikanyň orny») atly işidir. Bu işinde Gazaly logika ylmyny musulmanlaryň öňünde aklajak bolupdyr. Sebäbi şol döwürler logika ylmy diňe bir grek filosofiýasynyň däl, eýsem, butparazçylygyň hem aýrylmaz bölegi hasaplanypdyr.

Gazaly logikanyň edil tereziniň ýa-da sirkulyň bolşy ýaly bir guraldygyny (neýtral) aýdypdyr. Onuň musulmanlaryňky, ýa bolmasa, kapyrlaryňky diýip bilinmän, gural diňe işleýän ýa-da döwük bolup biler diýip deňeşdirme getiripdir. Bu işinde ol logikanyň kanunlaryny ösdürmek bilen çäklenmän, galam we fykh ylymlary bilen meşgullanyp, logikanyň kanunlaryny bilmeýän adamlaryň çykarýan netijeleri şübhe astyndadyr diýipdir. Muhammet Gazaly diňe bir logikanyň däl, eýsem, filosofiýanyň hem öwrenilmeli we gerekli ylymdygyny ykrar edipdir.

Ýeri gelende aýtsak, türkmen halkynyň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň goşgularyndaky «kimýa» sözi mag-



tymgulyşynaslaryň we edebiýaty öwrenijileriň üns merkezinde bolupdy. Bu söz onuň «Behem eder», «At islärin», «Asly siziňdir» atly goşgularynda getirilýär. Bu

> Gazalynyň «Dini ylymlaryň dikeldilmegi» atly işi 40 kitapdan ybaratdyr.

sözüň häzirki döwürdäki himiýa ylmy diýip çaklasalar-da, Magtymgulynyň himiýany nireden bilendigi baradaky soraglaram orta atylypdy. Muhammet Gazalynyň belli «Kimýaýi Saadat» («Bagtyň himiýasy») atly işiniň özünde Magtymgulynyň goşgularyndaky «kimýa» sözi getirilýär. «Kimýaýi Saadat» işi «Ihýa ulumid-din» atly işiniň pars dilinde öz watandaşlaryna düşnükli bolar ýaly gysgaldylyp ýazylan görnüşi hasaplanylýar.

Umuman aýdanymyzda, Gazaly dini dünýägaraýyşly alym bolup, ol ylymlary «oňlanylýan» we «oňlanylmaýan» diýen toparlara bölüp derňäpdir. Bulardan «oňlanylýanlary» hökmünde dini ylymlar, adamlary ahlak we ruhy taýdan päklige ýetirýän ylymlar göz öňünde tutulýar. «Oňlanylmaýanlar» diýlip bolsa adamlary ýalňyş pikirlere eltip, Hudaýdan daşlaşdyryp, nebis ýoluna düşürip, ruhy, ahlak taýdan bozuklyga, harsydünýälige getirip biljek ylymlar göz öňünde tutulýar. Ylmy dünýäde aldym-berdimli söweşiň agyr ýüküni çekmek oňa kyn düşýär. Şol sebäpli ömrüniň belli bir döwründe medresedäki mugallymçylygyny, maşgalasyny, dost-ýarlaryny taşlap 11 ýyllap derwüşçilik edýär. Sergezdançylyk eden döwründe ol özüniň iň esasy işleriniň biri bolan «Ihýa ulumid-din» («Dini ylymlaryň dikeldilmegi») atly işini ýazýar. Bu iş jemi 40 kitapdan ybaratdyr.

Ymam al Gazaly «Ihýa ulumid-din» atly işinde adamlary harsydünýälikden daşlaşmaga we nebisiň ugruna gitmezlige çagyrypdyr. Şol sebäpli ol dini ylymlary hökmany hasap edipdir. Emma bu durmuşda zerur bolan hünärleriň gerek däl diýildigi däldir. Ol bir şäherde agaç ussasy ýok bolsa, onda onuň ýoklugy sebäpli şäheriň ähli adamlary günäli diýip hasap edipdir.

Muhammet al Gazaly «Ylym barada kitap» atly işiniň bäşinji babyny ylym öwrenýänlere, ýagny mugallymlara we talyplara bagyş edipdir. Bu bap «Talybyň we mugallymyň edepleriniň beýany» we «Ýol salgy beriji mugallymyň (piriň) wezipeleriniň beýany» ýaly bölümlerden ybaratdyr. Kitabyň birinji bölüminde Gazaly ylym öwrenmegiň 10 sany edebi (wezipesi) barada agzap geçýär. Ony ähli ylym öwrenýänler üçin wajyp hasaplaýar. Gazalynyň aýtmagyna görä, ylym öwrenjek bolýan her bir adam ylym öwrenmäge päk niýetleri bilen girişmelidir. Onda meşhur bolmak, dereje gazanmak ýa-da köp pul gazanmak ýaly zatlary niýet etmeli däldir. Ylymdan, ony öwrenmekden çäklendirip biljek hereketlerden, gury ham-hyýallardan daşlaşmalydyr. Ylmyň wajyplygyny, oňlanylýan we oňlanylmaýan görnüşleriniň bardygyny bilmelidir. Ylym öwrenmäge girişilenden soňra mugallyma ynanmak wajypdyr. Şu ýerde Gazaly hassanyň edil tebibe ynanyşy ýaly, talyp hem mugallymyna ynanmalydyr diýip deňeşdirme getirýär. Şeýle-de, talyp mugallyma öwüt bermeli däldir diýip aýratyn belläp geçýär. Mundan başga-da, talybyň ýaňy bir ylymlary öwrenmäge girişen wagty ýa-da özüniň özleşdirmedik zatlary boýunça jedellere girmezligini ündeýär. Talyp oňlanylýan, ýagny dini ylymlaryň öwrenmeýänleri bilen hem tanyş bolmalydyr. Bu ýerde biz onuň aýdýan zatlaryna şeýle düşünsek bolar: her bir ylym beýleki ylymlar bilen azda-kände araçäkleşýär. Şonuň üçin diňe bir ylmy bilip, beýleki ylymlardan habarsyz bolan ýagdaýyňda öwrenen ylmyňy hem amal etmek kyn bolýar. Çünki amal etmek ylym öwrenmegiň ahyrky duralgasydyr. Ylym öwrenmekde dogry ýzygiderlilik iň wajyp zatlaryň biridir.

Gazaly eseriniň bäşinji babynyň birinji bölüminde talyplaryň (ylym öwrenýän adamlaryň) wezipeleri boýunça gürrüň eden bolsa, ikinji babynda mugallymlaryň edepleri (wezipeleri) barada gürrüň berýär. Şu bölümde Gazaly mugallymlaryň 8 wezipesi barada aýdyp geçýär. Emma ilki bilen, «Özi kämillige ýetişen ylym öwretmek işine başlamak bilen uly bir işi boýnuna alýandygyny we hormatly işe girişýändigini bilmelidir» diýip, mugallymlaryň eginlerinde uly jogapkärçiligiň durandygyny nygtaýar.

Gazalynyň pikiriçe, mugallymyň we talybyň, hersi öz ýerinde biri-birine hormat goýmaly, edeplerini saklamaly diýip belleýär. «Mugallymlar şägirtlerini edil öz çagalary ýaly görmelidirler» diýip deňeşdirme getirýär. Mugallymçylygyň düýp meseleleri barada aýtsak, Gazalynyň pikiriçe, ylym öwretmek iň mertebeli işleriň biridir. Ylym öwredýän adam ony pul, dereje, wezipe ýaly harsydünýä zatlar üçin däl-de, eýsem, Hudaýyň haky üçin etmelidir. Beýle diýildigi, mugallym aýlyk hakyny alman ýaşamaly diýildigi däldir. Ol aýlyk hakynyň daşyndan pul almaly däl diýildigidir. Mugallym talybyndan sagbolsuna garaşmaly däl, oňa tamakin bolmaly däldir.

> Ylym öwrenmäge girişilenden soňra mugallyma ynanmak wajypdyr.

Çünki mugallymyň hakyny-da, sagbolsunyny-da Hudaýyň özi berýändir. Şeýle hem mugallymyň gowşak talybyň öz akyl derejesine görä bilim bermelidigi, öz öwredýän sapaklaryndan başga sapaklara dil ýetirmeli däldigi barada hem aýdylyp geçilýär. Her bir mugallymyň öz aýdýan zatlaryna (ylmyna) amal ediji bolmalydyr we ýalan sözlemeli däldir.

Muhammet Gazaly döwrüniň iň ylymly adamlarynyň biri bolupdyr. Onuň galdyryp giden baý edebi mirasy bardyr. Onuň işleri orta asyrda yslam dininiň durmuşyň, jemgyýetiň ähli ugurlarynda höküm süren döwrüniň önümidir. Şeýle işlere häzirki zaman okyjysynyň taryhy konteksti nazara alyp, dogry düşünmekleri gerekdir. Onuň baý edebi mirasy hergiz açylmadyk bir hazynadyr. Bu hazynany açmak, ony häzirki zaman türkmen okyjysyna ýetirmek we dogry düşünmegini gazanmak öňümizde duran meseleleriň biridir.

**Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň**
**2-nji ýyl talyby.**

# Döredijiniň ussahanasyndan...

## AÝTMALY BOLDUM

*(Degişme)*

Walla, saglygyňy sorap,
sorap-sorap öldürjekler,
Her gün keselňi ýatladyp,
seni hassa boldurjaklar,
Uçup ýörkäň aýagyňdan
çekip, ýere gondurjaklar,
Soramaňam edebi bar,
soramaňam emeli bar.
«Gezip ýörmüň, ýataňokmy,
sen entek aýak üstünde?!
Neme bolaýan dälsiň-ä,
çökenok dälmi üstüňe?
Pylan-a ýurt täzeledi,
ol pylanam göç edipdir,
Dermanlary ahmal etme,
ýüregiň urşuny çekdir,
Işlemegin, ýadamagyn,
käte bir zatlara güýmen,
Hä, pylanam gaýdyberdi,
aýlanyp ýördi-le düýnem...».
Ilki ýatlap ýas hakdaky
agylary, öleňleri,
Soňra ýatlap ýekän-ýekän
irde-giçde ölenleri,
Indi boljak matamlary,
bolmadykdyr bolanlary...
Ölmedigem öldürjekler,
şeýdip duşman güldürjekler.
Bet niýetem ýokdur olaň,
belki, olaryň bolşudyr,
Söýýändir ol, tanyşyňdyr,
dost-dogan ýa-da goňşudyr,
Ýöne äheňi — şum habar
duýsa, ylgap geljek ýaly,
«Halym harap, ýagdaýym kyn»
diýseň, hut begenjek ýaly,
Ýöne ajap bu durmuşy
taşlap men nirä gideýin?
Janym-a sag, işim rowaç,
ruhumam belent tug deýin!
Şükür Alla, kem zadym ýok,
bagtymdan ganjak bolaryn,
Seniň päli-niýetiňi
kalbyňdan aňjak bolaryn,
Bilen Alla, ýöne senden
has soňa galjak bolaryn...

## ISLEG

Her obanyň öz keşbi bar üýtgeşik,
Her obanyň tapawutly ady bar.
Obanyň howasy, obanyň ysy
Aňyňda ömürlik galan ýadygär.

Parhly duýgy dörär ýakynlaşaňda,
Üýtgeşik ýol öz obaňa sowulan.
Dolanar duýgular, dürli ýatlama
Başga ýerler bilen kalpdan kowulan.

Şol öňki ýerinden dogan altyn Gün
Obanyň etegni ýere myhlandyr.
Maňa nätanyşdyr täze binalar,
Olaram öýdýändir meni myhmandyr.

Iň gözel bina-da «Toý mekanydyr»,
Saýlanyp dur kaşaň bina obada.
Durmuşdan zeýrenjek bolýanlar bilsin —
Üç aýdan öň durulýarmyş nobata.

Ünsi çekýär geçýän sygyr sürüsi,
Garagol göleleň kän oňatjasy.
Täze dogan Güni göterip ýörler
Öküzçeleň başyndaky haçjasy.

Synlasadym diýýän gölejikleri,
Synlasadyň süýtli sygyr bolýança.
...Menem setirlermi süýndürip barýan,
Süýndürjek-laý kämil şygyr bolýança!



**Orazguly ANNAÝEW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy.**

## *SENI ÝATLAÝAN...*

*Indi hiç zat ýüregimi gozganok,*
*Ýer ýok onda şatlyga-da, gama-da.*
*Düýn gowy dostumyň kyrkyny sowdum,*
*Bu günem bir toýda boldum tamada.*

*Dünýäniň şowhuny azalan ýaly,*
*Ýekelik höwesi aňyma ýaýran.*
*Edil häzir jaýlar uçup gitse-de,*
*Ahmal, men şoňa-da galmaryn haýran.*

*Her zat boljak eken ýagty dünýäde,*
*Bolman biljek eken bolmaly zadam.*
*Hergiz ýazgydyndan närazy bolsa,*
*Ýürekdeş dostuny küýseýär adam.*

*Menem seni küýsäp, meýdana çykdym,*
*Çopantelpekleri söýdüm, ysgadym.*
*Şolara-da ýaman nebsim agyrýar,*
*Olaryňam galan ömri gysgadyr.*

*Çünki ýene güýz gelipdir äleme,*
*Çygly şemal kän öwüsýär ilerden.*
*...Seň bile sary gül ýygardym weli,*
*Uzakda sen gülüň parhyn bilerden.*

***

*Ýaşlyk menden ara açýar,*
*Uzaklaşýar owaz ýaly.*
*Köňle gussa aralaşýar,*
*Ýürek boşap, sowan ýaly.*

*Boldy ýalňyşam, ýazygam,*
*Şatlygam bolupdy ýetik.*
*Sarç mal kimin tazygan*
*Arzuwlarym barýar ýitip.*

*Birmahallar göwnüm söýen*
*Bigamlara joradym men.*
*Ajysyny deň paýlaşyp,*
*Ajy günden goradym men.*

*Indi gussa aralaşýar,*
*Ýürek boşap, sowan ýaly.*
*Köňül bahary küýseýär,*
*Jyda düşen dogan ýaly.*



**Çary ÝEGENMYRADOW.**



## ZÜLPÜŇ

*(Aýdym)*

Seçelenip dur egniňde,
Gülüm, gara zülpüň.
Ýene-de gözmi egledi,
Dünýäm, gara zülpüň.

Ýüregime salar heser,
Men bendiwan, men derdeser.
Aý jemalyňa meni ýesir,
Eýlär, gara zülpüň.

Kalbymyň täsin heňi bar,
Gatynda gijäň tümi bar,
Baharyň mahmal demi bar,
Ajap, gara zülpüň.

Her tary Günüň şöhlesi,
Ýüregmiň gaýnap-joşmasy,
Göwnümiň ylham çeşmesi,
Dünýäm, gara zülpüň.

## DURALGADA DURAN GYZ

*(Aýdym)*

Duralgada duran gyz,
Bir bäriňe baksana.
Gül bilen bäsleşen gyz,
Bir bäriňe baksana.
Ak sona, ak sona,
Bir bäriňe baksana.

Zülpleriň towlam-towlam,
Misli bagt bolup doglan,
Bikarar dur bir oglan,
Bir bäriňe baksana.
Ak sona, ak sona,
Bir bäriňe baksana.

Gül jemalyň zary men,
Aşyk ýigdiň biri men,
Meňzeş gördüm ýara men,
Bir bäriňe baksana.
Ak sona, ak sona,
Bir bäriňe baksana.



**Mämmetgurban MÄMMETGURBANOW.**

**Golaýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby Mukam Bekgylyjowyň goşgulary Russiýa Federasiýasynyň Belgorod şäheriniň ýylda iki gezek çap edilýän «Дрон» edebi-çeper žurnalynda neşir edildi.**

## ОБИДА

Теперь я устал и смирился с разлукой,
Как палкой побитый обиженный пёс,
Терзаемый страстью и сильною мукой,
Не ведаю сам, как её перенёс.

Войти бы мне нитью в железное ушко
капризной и острой иголки судьбы.
Порядок обыденной жизни нарушен,
Осталось одно уповать на мольбы.

Я целыми днями слоняюсь угрюмо,
Разбитое зеркало вновь не собрать.
Как жить без тебя? Невесёлые думы,
Осталось одно сожалеть и страдать.

Вернутся ли чувства? Предательски высох
мой внутренний мир, отзываться не стал.
Смирившись с разлукой, изведавший лиха,
И честно сказать смертельно устал!

## БОТАНИЧКЕ

Любовь — чинара, а я — листья,
Не отделяюсь от ствола...
Пришли навязчивые мысли,
А где любимая была?

Жить без тебя несносно трудно,
Но, не смотря на боль утрат,
Поэт надеется на чудо,
Терзает чувства невпопад,

От красоты твоей не спится,
Стихи не покидают уст.
А если мне уйти случится,
Создай гербарий прежних чувств.

*Перевёл: Андрей НОВИКОВ.*



# Sport we edebiýat

## Jek London — millionlaryň söýgüli ýazyjysy



*Jek London (1876 — 1916) heniz ýaşap ýörkä baýlyga, üstünlige we şöhrata ýeten az sanly ýazyjylaryň biridir. Ondan öňki köp sanly ýazyjylar-da şeýle sepgitlere ýetmäge synanyşypdylar we olaryň köpüsi meşhur hem bolupdy, emma Jek London öz döwrüniň ýazyjylar jemgyýetiniň içinde diňe öz zehini arkaly baýan ilkinji ýazyjydyr.*

*Ýazyjynyň çyn ady Jon Griffit Çeýnidi. «London» familiýasy oňa öweý kakasyndan geçýär.*

*Jek London ýetginjeklik döwründen başlap işlemeli bolýar. Ol ýaşlyk ýyllarynda köp sanly kärlerde zähmet çekmäge ýetişýär.*

*Onuň tejribeli deňizçi bolandygyny hem bellemek gerek. Ol eýýäm 14 ýaşly ýetginjek wagty pul ýygnap, gaýyk satyn alýar we krewetka söwdasyny edýär.*

*Jek London taryhda öz zehini arkaly bir million dollar gazanan ilkinji ýazyjy bolýar.*

*Döwürdeşleriniň tassyklamagyna görä, Jek London köplenç, bütin günläp, ýagny 14-15 sagatlap ýazyjylyk işi bilen meşgullanar eken.*

*Ýazyjy öz ömründe ýigrimi töwerek roman, iki ýüzden gowrak hekaýa we üç sany pýesa ýazypdyr.*

*Onuň ilkinji çap edilen «Ýaponiýanyň kenarýakalaryndaky taýfun» atly eseri neşir edilende, ol bary-ýogy on alty ýaşyndady. Ol bu kiçijik oçerki üçin özüniň ilkinji galam hakyny alypdyr.*

*Jek London bütindünýä syýahatyna ugramak üçin gurduran gämisiniň çyzgysyny öz eli bilen çyzýar. Ýöne saglyk ýagdaýy sebäpli özüniň syýahatyny ahyryna çenli tamamlaman, öýüne dolanmaly bolýar.*

*Jek London barada Irwing Stounyň «At üstündäki deňizçi» atly kitaby meşhurdyr. Bu kitaby okap, ýazyjynyň belli romanlarynyň nähili derejede hakykata ýakyndygyna göz ýetirmek bolýar. Irwing Stoun Jek Londonyň ikinji aýaly Çarmianyň rugsady bilen ýazyjynyň hemme şahsy hatlaryny, gündeliklerini we çap edilmedik golýazmalaryny okap çykypdyr. Onuň ýaşlykda bile bolan dostlary, tanyşlary we bile işleşen adamlara bilen ýörite duşuşyp, ýatlamalary ýygnapdyr.*

*Irwing Stounyň kitabynda Jek Londonyň ýazyjy bolmak üçin nähili erjellik edendigi, gijelerine diňe 4-5 sagat ýatyp, galan wagty irginsiz ýazandygy we žurnallardan ýüzlerçe gezek «Eseriňizi neşir edip bilmeris» diýen jogaplary alsa-da, hiç wagt ýza çekilmändigi görkezilýär.*

*Şeýle hem bu kitapda Jek Londonyň diňe bir güýçli taraplary däl, onuň maşgalasynda duşan kynçylyklary, adamlara bolan aşa ynanjaňlygy, pullaryny nädogry dolandyryşy we ömrüniň ahyryndaky ruhy çökgünligi-de ynandyryjy görkezilýär.*

**Taýýarlan**
**Allanur ÇARYÝEW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## Dünýä çempionaty — 2026: Messiden täze rekordlar



Argentinanyň milli ýygyndysy Futbol boýunça dünýä çempionatynyň toparçalaýyn tapgyrynyň ikinji duşuşygyny (2:0) Awstriýanyň milli ýygyndysy bilen geçirdi. Bu oýunda Lionel Messi özboluşly rekord goýup, dünýä çempionatynyň taryhynda iň köp gol (18 gol) geçirmegi başaran oýunçy hökmünde hasaba alyndy. Ozal bu görkeziji boýunça germaniýaly meşhur hüjümçi Miroslaw Kloze (16 gol) öňdeligi eýeläpdi.

Messiniň M.Klozäniň rekordyna şärikligi hem şu dünýä çempionatynda hasaba alyndy. Argentinanyň milli ýygyndysy toparçalaýyn tapgyrynyň birinji duşuşygynda Alžiriň milli ýygyndysyny 3:0 hasabynda utdy. Bu oýunda Messi sport ýolunda ilkinji gezek dünýä çempionatlaryndaky het-trigini hem etdi. Lionel Messi şol oýnuň dowamynda birbada belli oýunçylardan — Žýust Fontenden (Fransiýa, 13), Gerd Myullerden (Germaniýa, 14) we Ronaldodan (Braziliýa, 15) öňe geçmegi başardy.

Şeýle hem şol duşuşykda Messi yzygiderlikde alty gezek dünýä çempionatyna gatnaşan ilkinji oýunçy hökmünde hasaba alyndy.

Toparçalaýyn tapgyryň üçünji duşuşygynda Messi Iordaniýa (3:1) garşy oýunda ätiýaçlykdan meýdança girip, jerime urgudan gol geçirdi. Netijede, ol dünýä çempionatlarynda yzygiderli 7 oýunda tapawutlanan ilkinji oýunçy boldy. Öň bu rekordlar yzygiderli alty duşuşykda gol geçiren fransuz hüjümçisi Jýust Fonten (1958) bilen braziliýaly Žazirino (1970) degişlidi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Dünýä çempionaty — 2026: rekordlar, sanlar, maglumatlar

*Häzirki wagtda gyzgalaňly dowam edýän Futbol boýunça dünýä çempionaty özüniň birnäçe aýratynlyklary bilen köpleri haýran galdyrýar. Ýaryş taryhynda ilkinji gezek 3 döwletde (ABŞ, Kanada, Meksika) 48 milli ýygyndynyň gatnaşmagynda geçirilýär.*

Dörtýyllygyň futbol baýramynyň dowamynda, ýagny 23-nji iýunda Portugaliýa bilen Özbegistanyň ýygyndylarynyň arasyndaky duşuşykda Kriştianu Ronaldu iki gol geçirmegi başardy. Netijede, ol alty dünýä çempionatynda gol geçiren ilkinji futbolçy hökmünde bellige alyndy.

Şol oýunda Ronaldu dünýä çempionatlarynda Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň oýunçylarynyň arasynda geçiren gollarynyň sany



boýunça hem Eýsebionyň 9 golluk rekordyny täzeledi. Gyzykly tarapy, Ronaldu şu wagta çenli öz hasabyna ýazdyran gollarynyň ählisini toparçalaýyn tapgyrda derwezeden geçirdi.

***

Meşhur «Forbes» portaly 2026-njy ýylyň dünýä çempionatynda çykyş edýän iň köp girdejili futbolçylaryň sanawyny çap etdi. Sanawyň başyny «Al-Nasr» klubunyň we Portugaliýanyň ýygyndysynyň hüjümçisi Kriştianu Ronaldu çekýär, onuň umumy ýyllyk girdejisi 300 million dollara deňdir. Şeýle hem bu sanawda Lionel Messi (Argentina — 140 mln), Kilian Mbappe (Fransiýa — 95 mln), Erling Holand (Norwegiýa — 80 mln), Winisius (Braziliýa — 60 mln) ýaly oýunçylaryň atlary bar.

***

Dünýä çempionatynyň toparçalaýyn tapgyrynda Ispaniýanyň ýygyndy topary Saud Arabystanynyň wekillerini ynamly (4:0) utdy. Duşuşyk Amerikanyň Atlanta şäherindäki «Mersedes-Benz» stadionynda geçirildi. Bu oýunda «Barselona» klubunyň 18 ýaşly oýunçysy Lamin Ýamal öz sport ýolundaky ilkinji dünýä çempionatynda birinji goluny geçirdi.

***

Dünýä çempionatynda dürli ýygyndy toparlaryň oýunçylary meýdança köpçülikleýin ýagdaýda gülgüne butsylarda çykdylar. Özboluşly dizaýnlaryň hasabyna özara bäsleşýän «Nike», «Adidas», «Puma», «New Balance» we «Skechers» kompaniýalary bu iri ýaryş üçin bir wagtda birmeňzeş gülgüne reňkde aýakgap toplumlaryny çykardy.

Dizaýnerler reňk saýlanlarynda ýöriteleşdirilen agentlikleriň maslahatlaryna eýerýär. Şunlukda, 2024-nji ýylda WGSN analitiki kompaniýasy «gülgüne bilen gyrmyzy reňkleriň arasyndaky açyk neon öwüşgini» 2026-njy ýylyň tomus paslynyň esasy reňki diýip yglan edipdi.

Bilermenler gülgüne reňkiň ýaşyl otuň üstünde gowy saýlanýandygyny belleýärler.



Häzirki wagtda janköýerleriň köpüsiniň oýunlary smartfonlaryň kiçi ekranlarynda we sosial torlarda görýändigini göz öňünde tutsaň, bu örän möhümdir. Ýiti reňkli aýakgap hereket wagtynda, gaýtalap görkezilýän wideolarda we gysga wideoşekillerde aýdyň görünýär.

Ýaryşa gatnaşýan 48 ýygyndy toparyň hiç biri gülgünäni formada esasy reňk hökmünde ulanmaýar, şonuň üçin butsylar eşikler bilen garyşyp gitmeýär.

Ýylylygy özüne çekýän adaty gara reňkden tapawutlylykda, neon-gülgüne materiallar Gün şöhlelerini yzyna serpikdirýär. Bu bolsa Demirgazyk Amerikanyň tomusky yssy howasynda futbolçylara kömek edýär.

Käbir futbolçylaryň meýdança ýörite dizaýndaky aýakgaplarda çykýandygyny bellemek gerek. Ýagny Lionel Messi «Adidas» brendiniň «Iň soňky tango» diýlip atlandyry-



lan we onuň öňki çempionlyk gazanan dünýä çempionatyna ýsarat edýän ak-gök reňkli, altyn öwüşginli butsysynda oýnaýar. Bu stil Messiniň DÇ — 2006-dä ilkinji gezek geýen aýakgabyndan ylham alyp taýýarlanyldy. Kristian Pulişiç (ABŞ) öz ýurdunyň baýdagynyň stilindäki, gök ýyldyzly ak reňkli «Puma» butsysyny saýlap aldy.

***



FIFA-nyň reýtinginde öňdäki orunlary eýeleýän we pleý-off tapgyryna çykmagyna garaşylýan Urugwaýyň, Eýranyň, Türkiýäniň hem-de Koreýa Respublikasynyň milli ýygyndylarynyň ýeterlik utuk toplap bilmän, ýaryşdan çykandygy hem garaşylmadyk ýagdaý boldy.

Kabo-Werde bary-ýogy 500 müň ilaty bolan we öz toparçasyndan nobatdaky tapgyra çykan iň kiçi döwlet hökmünde hasaba alyndy.

Türkiýäniň milli ýygyndysynyň oýunlarda top saklamakda öňe saýlanyp, derweze garşy 70 urgy geçirse-de, diňe 3 gol salyp (4% netijelilik) bilendigi hem bellenilmeli ýagdaýdyr.

**Taýýarlan Mukam BEKGYLYJOW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW,
Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktorlar: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com